# Dowzahda kondisioner barmy?

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dowzahda kondisioner barmy? DOWZAHDA KONDISIONER BARMY?



Ýere ot düşse we ol ot heniz ýürekleri ýakmadyk bolsa, has ulurak ýangynlara taýýarlykly boluñ.
Ýer ýüzüni ýakan ot dowzahdan inýär…
Dowzahylyk adamlar paratýoner (молниеотвод) deý dowzah oduny ýer ýüzüne getirýärler we metafora dilinde aýdanda, ýer ýüzünden äkitjek bu otlary bilen öz dowzahlarynyñ oduny tutaşdyrýarlar.
Hawa, biz edýän-u-etmedik işlerimiz bilen, aýdýan-u-aýtmadyk sözlerimiz bilen ýa-ha arkamyzda jennetden kerpiç göterýäris, ýa-da dowzahymyza tutaşdyrarlyk odun göterýäris.
Biziñ bu dünýäde kondisionerlije salkyn otaglarymyz, iş ýerlerimiz, awtoulaglarymyz bar. Eýse o dünýäde dowzahda-da kondisionerimiz bolarmyka? Bu dünýädäki ýangynlary söndürmek üçin ýangyn söndüriji gullugyñ işgärleri bar, ýangyn söndüriji maşynlar bar… A dowzahyñ oduny nädip söndürerkäñiz?
Üns beriñ! Bu oduñ sizi ýakmazlygy, suwuñ sizi gark etmezligini, işleriñiziñ kert gaýalara urulmazlygyny, üstüñize bela-beteriñ we erbetlikleriñ ýagmazlygyny isleýän bolsañyz,

TOBA EDELIÑ, jahyllyk etmäliñ, ZALYMLARDAN BOLMALYÑ.
Synamyza ýokan kişi hakynyñ hapalygyndan arassalanalyñ, haram bolan islendik zatdan saklanalyñ. Haram baýlykdan, puldan, wezipedir derejeden çetleşmezden, gözümizi ýummazdan olardan halas bolmak mümkin däl.
Kuranyñ «Engam» süresiniñ 39-49-njy aýatlarynda Allatagala şeýle diýýär:
***«Aýatlarymyzy ýalanlaýanlar tümlükde galan kerler we lallardyr. Alla islänini ýoldan çykarar, islänini dogry ýola salar. Olara diý: «Heý, özüñiz hakda pikir etdiñizmi? Allanyñ gazaby gelende ýa-da kyýamat wagty ýakynlaşanda Alladan başgasyna ýalbararyn öýdýäñizmi? Eger dogruçyl bolýan bolsañyz jogap beriñ». Ýok, diñe Allaha ýalbararsynyz. Ol eger islese başyñyzdan dep bolmagyny isleýän belañyzy dep eder we siz şonda şirk goşan zatlaryñyzy ýatdan çykararsyñyz. Şübhesiz, sizden öñki ymmatlara-da pygamberler ugratdyk. Bize ýalbarsynlar diýip olary darlyga we kynçylyga uçradyp jezalandyrdyk. Olar iñ bolmanda özleriniñ başyna bela inende ýalbarmaly dälmidiler? Emma kalplary gatylaşdy we şeýtan edýän işlerini gözlerine gowy edip görkezdi. Özlerine ýatladylanlary undanlarynda, olara hemme zadyñ gapysyny açdyk. Haçanda özlerine berlen nygmatlara buýsanyp, zowky-sapalara çümenlerinde olary azabymyz bilen duýdansyzlykda ebşitläp tutduk. Şobada unytsyzlyga düşüp näderlerini bilmän galdylar. Şeýdip sütemkär kowmuñ köki kesildi. Älemleriñ Rebbi bolan Allaha hamdy-sena bolsun. Olara diý: «Aýdyñ bakaly, eger Alla gulagyñyzy we gözüñizi alyp, kalbyñyzy möhürlese, Alladan başga olary öñküsi ýaly edip biljek tañry barmy?» Üns ber, aýatlarymyzy her dürli edip düşündirýäris, soñra olar ýüz öwürýärler? Olara diý: «Maña aýdyñ! Size duýdansyzlykda ýa görnetin Allanyñ azaby inse, zalym köpçülikden başgasy heläk bolar öýdýäñizmi?» Biz pygamberleri diñe rahmetimiziñ buşlukçtsy we azabymyzyñ habarçysy hökmünde ugradýarys. Bes, kim iman edip ýagdaýyny düzelden bolsa, olara hiç gorky bolmaz. Olar elem-de çekmez. Aýatlarymyzy ýalanlanlar barada aýdanda bolsa, edýän erbetlikleri sebäpli olara azap injekdir.»***
Ýangyny diñe ýangyn söndüriji maşyn bilen söndürip bilmersiñiz. Onuñ maddy, ruhy, göze görünýän we görünmeýän sebäplerini mazaly seljermek gerek.
Şuny ýatdan çykarmalyñ, şol ýangynlaryñ maddy we göze görünýän

sebäpleri Starlinkler ýa-da PKK bolsun, kim bolanda-da, bu zatlaryň bary Allanyň eradasynyň çäginde bolup geçýär. Onuň eradasynyň we ygtyýarynyň daşynda hiç zat ýokdur. Haýyram, şerem Allanyň eradasynyň içindedir. Biz Onuň edenine kaýyl. Dogrusy, men ýangyn döwründe mediýada, syýasatda we jemgyýetde o diýen bir dini çemeleşme görmedim. Meselem, hiç kimiň öz gezeginde toba we doga-dileg edip ýörenini göremok.
Şuny ýatdan çykarmalyň, aramyzdaky beýinsizleriň edýän erbetlikleri sebäpli, eger bizem olara ýakyndan-daşdan goldaw berýän bolsak ýa-da olaryň zulumlarynyň garşysynda dymýan bolsak, bizem heläk bolanlardan bolup bileris. Biz özümiz hakdaky hökümi üýtgetmezden Alla biz hakdaky hökümi üýtgetmeýär. Adalatsyzlyklaryň garşysynda dymsak, dilsiz şeýtana öwrüleris. Şeýtan bolansoň, azabam gerek.
Beýleki bir tarapdan, biz maşgalamyzda, beýnimizde, kalbymyzda tutaşan oda tokaý ýangynlaryna üns berşimiz ýaly üns beremzok öýdýän. Bi tokaý ýangynlaryny söndüräýenimizde-de, biz bu bolşumyza dowam etsek, täze-täze ýangynlaryň bolaryna garaşmaly bolarys.
Ýatladyp durýan, erte akylly sistemalar, global torlar ýa-da Starlink emeli hemralary, 5G, WIFI we el telefonlaryňyz arkaly öýleriňizi, awtoulaglaryňyzy, transformatorlaryňyzy partladyp bilerler. Biohakerler erte kelläňize çip dakandan soň adamlaram, haýwanlaram blokirläp bilerler. Bioterrorizmiň pidasy bolup bileris. Kiber diktatorlaryň kiber gullaryna öwrülibem bileris.
Olar size jenneti wada berýär. Size ölümi ýatdan çykarmaga synanyşýarlar. Size şatlyk, hyjuw wada edýärler. Nebsiňize ýarajak zatlary aýdýarlar. A men bolsa «agzyňyzyň tagamyny gaçyrýan ölümden» söz açýaryn. «Gussadan», «çilleden» söz açýaryn. Rafting edýän ýaly akyma garşy kürek urmakdan söz açamok. Sabyrdan, hak ýolunda göreşden söz açýaryn. Olar buýruklaryna «Lepbeý!» diýilmegini isleýär, men «Lä» diýmekden söz açýaryn. Lä ilähä, illallah! Dinimizi Allaha has kylalyň, Oňa şirk goşmalyň. Takdyra, ryzka, ajala, gaýyplar älemi we kyýamat güni bilen ahyret ýurduna ümzügimizi dikeliň. Imanymyzy bolgusyz işler bilen ýaralamalyň. Bu bolýan zatlaryň barsy öz elimiz bilen eden işlerimiziň netijesidir. Ýa-da kimdir biri käbir ýalňyşlary edende, daş-töweregi betonlaşdyranda, olara goldaw berendigimiz ýa-da olaryň önüni aljak bolman sesimizi çykarmandygymyz üçin bolýar.

Bu dünýäde otluçöp bilen oýnajak bolup, onuñ añyrsyndaky tokaýy elden gidermäliñ. Tokaý ýangynlary we siller bularyñ añyrsyndaky jenneti hem-de dowzahy görmäge päsgelçilik bermesin.
Dünýä ýaşaýşy wagtlaýyndyr. Alla (j.j.) biziñ baýlygymyzy, janymyzy, hossarlarymyzy käwagt artdyryp, käwagt kemeldip synap görýär. Netijede iman edenler we iman içre ýaşaýanlar dert çekmez. Bu dünýäde bolup geçýän hemme zat bu synagyñ alamatydyr.
Bizi elmydama görýän, eşidýän, bilýän, hemme zada Kadyr, «bol» diýende bolduran, «öl» diýende öldüren ýeke-täk Allatagala bar! Barçamyzyñ ýagşy-ýaman eden işlerimiziñ miwesini datjak bir günümiz bar.
Salam we doga bilen.
Abdyrahman DILIPAK.

«Yeni Akit» gazeti, 05.08.2021 ý. Edebi makalalar